# Ýakynlaşyp barýan ýewropa urşy

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýakynlaşyp barýan ýewropa urşy ÝAKYNLAŞYP BARÝAN ÝEWROPA URŞY




*Illýustrasiýa: Jonatan McHugh*

Döwlet we halkara jemgyýetçiligiñ üns merkezindäki meseleleriñ gyzgynlygy dem aldyranok. Bolup geçýän köp sanly garañky üýtgeşme adamy ürküzse-de, umyt etmäge, dem almak üçin dyrjaşmaga dowam edýäris.

Ukrainadaky urşuñ başlanyna bir ýyl dolmaga bir aý galanda ýadro kyýamatynyñ aýak sesleri güýçlenmäge dowam edýär.

Öññin Günbatar merkezli alymlardan, syýasatçylardan we hünärmenlerden ybarat Atom boýunça alymlar býulleteniniñ simwoliki kyýamat sagatyny 10 sekunt öñe süýşürendigini okansyñyz.

Ýagny gijäniñ ýarymyna ýa-da kyýamata 90 sekunt galdy. Taryhda ýadro ýok bolma şugadar ýakyn bolmandyk.

Şu günbatar waswasysynyñ añyrsyny okamakçy ýa-da umytsyz bolsañyz, umytsyzlygyñyzy gatbarlamak üçin ussat Alan Muryñ «Watchmen» («Хранители») komiks-romanyny okamagy maslahat berýärin.

Eser diñe komiks, ylmy-fantastiki ýa-da fantastiki žanryñ muşdaklaryny däl, alternatiw älemde «Sowuk urşuñ» nähili şahsy çekişmeler bilen birleşip, asla garaşylmaýan ýerinden ýykgynçylyk döredişini görmek üçinem ajaýyp eserdir.




Bu kult komiks-romandaky wakalaryñ tersine kän bir spoýler bermäýin – biziñ dünýämizdäki bolup geçýän ýykgynçylygyñ añyrsynda kimleriñ, haýsy döwletleriñ we güýçleriñ bardygyny aslynda juda gowy bilýäris.

Esasy we alternatiw mediýa kanallarynyñ ähli illýuziýalaryna garamazdan hakyky aýan-beýan ortada. Ukraina we Taýwan bahanasy bilen öñe süýşüdilen ýadro sagatynyñ hiç mahalam «gije ýarymdan soñ» urmajagyny umyt edip goýan sözbaşymyza dolanyp geleliñ.

Hawa, ýewropa urşy ýakynlaşýar. «Ukrainadyr Russiýa Ýewropada dälmi näme?» diýmegiñiz mümkin. Şeýle däldigini soñky bir ýyllyk tejribe görkezdi.

Ýewropanyñ gapy garawulçylygyna iterilen Ukraina we genosid nagralarynyñ nyşanasyna alynan we diýseñ gündogarçy makiýaža boýanan Russiýanyñ Ýewropanyñ daşyndadygy telim gezet ýatladyldy.

«Ýeri, bu uruş gepi nirden peýda boldy?» diýýän bolsañyz, aýdaýyn: Russiýanyñ Daşary işler ministri Sergeý Lawrowdan, ukrain goşunyna garşy uruşýan çeçenlerdene we Gurhan ýakmaga het eden şwesiýalylardan.

Düşündirjek bolaýyn.

Lawrow 23-nji ýanwar güni iññän möhüm beýanatlarynyñ birini

berdi. Bulardan biri-de, ministr Russiýa bilen Günbataryň arasyndan indi «gibrid urşuň» bolup geçmeýändigini, gaýtam tersine, «hakykata golaý» urşuň» bolýandygyny aýtdy.
Kiýewde ýolbaşçy düzüm boýunça möhüm çalşyklaryň bolýan, ABŞ-nyň we Britaniýanyň Germaniýany tank bermäge mejbur eden, Pariž bilen Berliniň «Ýewropanyň goragy» pikirini perçinlän ýa-da perçinländiris öýdýän döwründe Lawrowyň aýdan sözlerine üns bermek gerek.
Mundan on aý öň gerek bolsa ýadro ýaragyny ulanmakdan gaýra durmajakdyklaryny aýdan Lawrowy onuň köp wagtlyk zähmet karýerasyny we özüni eserdeň alyp baryşyny pikirimde aýlap, geň görjek bolupdym. Indi bolsa şeýle beýanatlardan diňe howatyrlanma duýýaryn.
Ikinji bir alamaty – goluna Isa Mesih ikonaly goldaňy saralan çeçen esgeriniň front meýdanyndan edilen wideoýazgysy.
Hristian simwolyny göterýändigine garamazdan tekbir getirýän bu esger «Dünýä ruslaryňky!» ýa-da «Rus dünýäsi emele gelmeli!» diýip bogazyna sygdygyndan gygyryp durşuna awtomatyndan dumly-duşa ok paýradýar.
2014-nji ýyldan bäri dowam edip gelýän çaknyşygyň başga bir grotesk epizody.
Beýleki bir ýandan Garadeňiziň demirgazygynyň içine iterilen dowzahyň ideologik, aň-pikir, adamkärçilik we duýgy taýdan aňyrky maksadyny görkezýär we hemmämize «Gorkuň!» diýýär.
Soňky gezek Şwesiýada bolup geçen geňsi waka.
Muňa Türkiýede daş-töweregini görmek-duýmak islemeýän konserwatiw gatlaklar tarapyndan Şwesiýanyň Erdogana saýlaw sowgady hökmünde baha berildi.
Dünýäni Erdoganyň äýnegi bilen okamagyň ýalňyşlyklaryny birnäçe ýyl bäri görüp gelýäris.
Gynansak-da, şeýle täsin daşary syýasat hünärmenleri daşarky üýtgeşmeleri içerki syýasat bilen indeksli okap, türk oppozisiýasyna nähili zyýan berýändiklerini häzirem bilenoklar.
Şwesiýadaky prowokasiýa ýol berilmeginiň aňyrsynda nämäniň ýatandygy başga bir ýerli we daşary ýurtly hünärmenler toparynyň öňe sürşi ýaly görnetin ortada:
Şwesiýa NATO giresi gelenok. Ol munuň üçin elinden gelenini edip, Türkiýäni giželemäge we weto iýmäge taýýar.
Şonsuzam islegine 24-nji ýanwardan bäri iň bolmanda belli bir wagta çenli ýetene meňzeýär. Ýöne men şu meselede Türkiýäniň

bähbidiniñ şol ýurtlara isleýänlerini bermekmi, ýagny olary NATO kabul etdirmekmi ýa däl, teý belli pikire gelip bilmedim.
Ýagdaý şeýlekä Türkiýäniñ depesinde Brýussel we Waşington tarapyndan sallanyp goýlan «grek gylyjy-da» Ýewropadaky şol inçe sazlaşyklara düýpden baglanyşykly ýaly bolup görünýär.
Ýöne şuny gel-de biziñ söýgüli oppozisioner we häkimiýetçi hünärmenlerimize düşündirip bilseñ düşündir-dä…
Soñky gezek Wengeriýanyñ ukrain hökümetine wenger raýatlarynyñ hak-hukuklaryny goramaga borçludygy hakdaky duýduryşyny, polýak jemgyýetçiliginde we mediýasynda Günbatar Ukrainany basyp almak baradaky batlanan çekişmeleri-de bulara goşmaly bolýar.
Hawa, ýewropa urşy ýakynlaşyp gelýär. Saýlaw döwrüne çaltlyk bilen süýşýän ýurdumyzyñ şular ýaly proseslerin ählisinden zelelsiz-zyýansyz çykmagyny umyt edýäris.

Ogul TUNA,

Russiýa we öñki SSSR geografiýasy boýunça ylmy-barlaglar, deñeşdirmeli syýasat boýunça žurnalist.

@sogultuna

Penşenbe, 26.01.2023 ý. Publisistika